# Alty çagasy birden doglan ene-atanyñ otuz bäş ýyldan soňky ýagdaýy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Alty çagasy birden doglan ene-atanyñ otuz bäş ýyldan soňky ýagdaýy

ALTY ÇAGASY BIRDEN DOGLAN ENE-ATANYÑ OTUZ BÄŞ ÝYLDAN SOÑKY ÝAGDAÝY

Är-aýal Žanet we Graham Waltonlaryñ iñ uly arzuwy perzende gözi düşmekdi. Emma olaryñ hiç çagasy bolmandyr.
Är-aýal birnäçe ýyllap çaga edinjek bolup jan etdiler. Saglyk ýagdaýlaryna seretdirdiler, emma bulam peýda etmändir. Ahyrynda bolmajak zat bolup duruberipdir, Žanetiñ göwresinde çaga galýar.
Žanet we Graham bu şatlykly habary alansoñ, begençlerine guş bolup uçýarlar. Gaýgy bilen geçen günler yzda galypdy. Bäbekleriniñ doguljak gününe günlerini sanap garaşdylar. Žanet hamylalygynyñ altynjy hepdesinde lukmana göründi. Ynanar ýaly däl: bir däl, iki däl, hatda üç däl, onuñ göwresinde alty bäbek bar bolsa näme!
Žanet we Graham eşdenlerine ynanmadylar. Olar bular ýaly zady ýatsa-tursa oýlaryna getirenokdy. Žanet çaga dogurmazyndan birnäçe gün öñ hassahana girýär. Çünki munça çagany dogurmak gaty howpludygy sebäpli, ony gözegçilik astynda saklamak gerekdi.
1983-nji ýylyñ 18-nji noýabrynda hamylalygynyñ otuz birinji hepdesinde Žanet alty sany garagözelek sagdynja gyz çagany Liwerpulda kesar ýoly arkalu dünýä inderýär. Olar dünýäde doglan ilkinji altam çagady. 1984-nji ýylyñ başynda çagalarynyñ saglyk ýagdaýynyñ gowudygy üçin Žanet hassahanadan çykaryldy. Graham "The Guardian" gazetine beren interwýusynda:

"Otuz birinji hepdede dünýä indiler. Käbirleriniñ öýkeni doly kemala gelmändigi sebäpli lukman gözegçiligi astynda saklanýar” diýdi. Bütin dünýäniñ ünsi altamlar Hanna, Ruz, Lusi, Katýa, Sara, Žennä gönükdi.
Žanet we Graham ýylda 11 müñ pampers ulanýardy. Bäbekler bir ýaşyny doldurýançalar är-aýal bir gezegem oñly ukusyny almadylar. Olaryñ bar işi çagajyklarynyñ arlyklaryny çalyşmak, bar aladasy gözleriniñ awusyny almak boldy.
Hususanam çagalary ese-boýa galýança biraz kynçylyk çekdiler. Bir aýagy mekdep bilen öý aralygynda galan ene-atanyñ ömri gyzlarynyñ yzynda geçdi diýen ýaly.
Žanet “Şol ýyllar ýadyma düşýär welin, käşgä çagalarymyza has köp wagt aýran bolsam bolmaýamy diýýän” diýýär. Är-aýalyñ özlerine seretmäge wagty bolmasa-da, edepli-ekramly alty gyzlarynyñ özüni alyp baryşlaryndan buýsanyp depeleri gök direýär. "Çagaly öý bazar" diýlişi ýaly, olaryñ öýünde mähir-muhabbetdir şatlykly gülki hiç wagt egsik bolmady. Gyz doganlar bir-birlerine şeýle bir meñzeşdiler welin… Munuñam üstesine olar bir-birlerine diýseñ ýakyn durýarlar.
Bu gün olar otuz ýedi ýaşynda we diýseñ ajaýyp durmuş ýollary bar.
Käbirleri eýýäm durmuşa çykdy. Iñ kiçijikleri Sara 2014-nji ýyl Žorgi atly gyzjagazy dünýä inderdi. Ekizekleriñ arasynda ilkinji çagasy bolan Sarady.
Žanet we Garaham ilkinji agtygy dünýä inende Žanet bilen Grahamyñ begenjiniñ çägi bolmady. Öýlerinin arasy ýakyn bolansoñ, olaryñ köp wagty agtyjaklary bilen geçýär. Žanet "Daily Mail" gazetine beren interwýusynda: “Kiçijik ýaşly çagalary diýseñ gowy görýärin. Olara bu müçede öwretmeli zatlaryñ hetdi-hasaby ýok… Wagtyñyz ýogam bolsa, agtygyña seretmäge hemişe wagt tapýan ekeniñ” diýdi.
Žorgijik şular ýaly uly maşgalada terbiýelenýändigi üçin diýseñ bagtly, diýseñ nesibeli gyzjagaz bolsa gerek. Graham we Žanet wagt tapdyklaryndan agtyjagyny ýanlaryndan aýranoklar. Belki-de, gelejekde olaryñ hasam köp agtyklary bolar. Doganlar Hanna, Lusi, Ženni, Ruz, Katýa, Sara ene-atasyny alyp Nýu-Ýorka gezelenje-de gidip geldiler. Olar on ýyldan soñ ilkinji

gezek bilelikde gezelenje çykdylar.
Ylaýym, şeýle bagtly maşgalada önüp-ösmek her kese nesip etsin!

🙂

@ Kitapçylar.

Geň-taňsy wakalar